# Gorky paýlaýanlar

Category: Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gorky paýlaýanlar 12. GORKY PAÝLAÝANLAR

1978-nji ýylda öýüme jaň etdiler. Men ol wagt edarada işlemän, diňe öýde döredijilik bilen meşguldym, galam hakynyň hasabyna ýaşaýardym. Zähmet depderçämde iş stažym ýöreýärdi. Golaýda turistler topary bilen Fransiýa gitmelidim.
Jaň eden adam döwlet howpsuzlygy komitetiniň işgäridigini aýtdy, adyny-da aýtdy, dogrusy, häzir takyk ýadyma düşenok.
Ol mylaýym gepleşdi, meniň eserlerimi okaýandygyny, döredijilik üstünliklerime begenýändigini aýtdy, meniň bilen duşuşmagyň özüne juda-da ýakymly boljakdygyny dile getirdi. «Eger öýüňe barsak, bir käse çaýyňy içip gaýtsak, nähili görýärsiňiz» diýdi, ýanynda ýene bir adamyň boljakdygyny, meniň ol adamy tanaýandygymy-da duýdurdy, onuň adyny aýtmady. «Baş üstüne, geliň» diýdim.
Adresimi aýtjak boldum, bilýäris diýdi. Özümi etmişli duýmasam-da, kalbyma ýakymsyzlyk aralaşdy. Bu KGB-den öýüme edilen ilkinji jaňdy. KGB-niň podpolkowniginiň iki bolup meniň ýüzümi görmäge gelmejeklerini aňýardym. Näme sebäp bolup biler? Oýlanyp oturdym. Golaýda bлlan bir ýagdaý ünsümi çekdi. Üç öwre iberilen, nireden iberilendigi anyk görkezilmedik bukjany poçta ýaşigimden aldym. Hersiniň arasy bir hepdedi.

Bukjalardan neşire taýýarlanan kitabyň bölekleri çykdy. Her bölek bir bapdan ybarat bolup, 15-20 sahypany tutýardy, üç bukja yzygiderli salnandy. Häzir olaryň mazmuny anyk ýadyma düşenok, dini hem ideologik garaýyşlaryň äheňinde ýazylypdyr, gyzyklanma bilen okapdym. Munuň sowet metbugatynda çap ediljek material däldigini bada-bat aňdym. Meniň öň eşitmedik faktlarym beýan edilýärdi, sowet ideologiýasyna garşy gönükdirilip, daşary ýurtlardaky diwersion merkezlerde taýýarlanan bolmaly. Ol merkezleriň gabahat etmişleri hakynda sowet metbugatynda häli-şindi ýazylyp durdy.

Meseläniň çatak ýeri başgady. Näme sebäbe bu hat meniň adresime gelýär, kim iberýär? Bukjanyň ýüzüne üns bilen seredýärin. Ol ýerde diňe Aşgabadyň merkezi poçtasynyň möhüri bar. Bize gelýän hatlarda mikroraýondaky poçtanyň hem möhüri bolýardy, bu ýerde ýok.
Haty biziň poçtalonymyz getirdimikä?
Garaz, bu ýerde bir prowokasiýanyň bardygyny aňdym. Ýene biraz garaşaýyn diýdim. Iki hepde geçdi, hat gelmedi. Soňra üç haty alyp, ýazyjylar soýuzynyň kadrlar bölümine bardym. Bölümi Annamämmet Jumageldiýew alyp barýardy. Ol öň KGB-de işläpdir, podpolkownik çinini alypdyr, hatda KGB-niň Mary oblast bölüminiň başlygy-da bolupdyr. Açyk ýüzli, alçak adamdy.
Meniň alyp baran bukjalaryma seredip, Annamämmet ýylgyrdy.
– Saňa-da bardymy! – diýdi.
– Başgada üç ýazyjynyň poçta ýaşigine atypdyrlar. Men kimler diýip soramadym, soramda-da aýtmaz öýtdüm, ol KGB-niň tälimini alan adamdy.
– Olar-a KGB-ä eltip berdiler, senem şeýdäýsene – diýdi.
Kadrlar bölüminde işlän ýyllary Annamämmediň ýaramaz adam däldigine mende ynam döräpdi, belki, kalbynyň arassalygy üçin hem KGB-niň apparatyndan boşadandyrlar? Men bukjalaryň iberilişi bilen bagly şübhämi oňa aýtdym, ol keýpsiz gülüp goýberdi.
– Eltip berseň, gowy bolarmyka diýýän, äý, şübhe etmesinler-dä, eltäýsene.
– Bukjalar sende ýatsyn, soralsa, getirdi diý-de aýdaý, özüm-ä eltip berjek däl.
Bukjaly gürrüň şunuň bilen gutarypdy. KGB-den gelen graždan eşikli iki adam bilen darajyk iş kabinetimde oturdyk. Biri türkmendi, onuň hem çini podpolkownik ekeni. Ol golaýda awtorlaryň hukuklaryny goraýan bütinsoýuz agentliginiň Türkmenistan bölüminiň başlygy Mergen Hümmedowyň orunbasary bolup işe başlan adamdy.
Bölüm ýazyjylar soýuzynyň jaýynda üç otagda ýerleşýärdi. Şondan soň maňa aýdyň bolaýdy, bölümdäki iki orunbasaryň biri KGB-niň işgäri bolmaly ekeni. Awtorlaryň hukuklaryny goraýan edara daşary ýurt neşirýatlary bilen hem gatnaşykda bolýardy,

şundan soň geň göresi zat galmaýardy, ýogsa, bu kiçijik edara iki orunbasar nämä gerekmiş!
Orunbasar söhbetdeşligiň dowamynda sesini çykarman oturdy, şaýat bolsun diýip, getirlen bolmaga çemeli. Beýleki podpolkownik gepini töwerekden aýlady. Meniň eserlerimiň rusça terjimesini yzygiderli okaýandygyny, rus diliniň üsti bilen olaryň beýleki dillere geçirilýändigini oňlady.
– Sizi SSSR-de tanaýarlar, SSSR-den daşarda-da tanap başladylar. Şu ýagdaýda diňe siziň eserleriňiz däl, siziň şahsyýetiňiz bilen gyzyklanýan adamlar, dürli halkara guramalar-da köpelýär. Häzir biziň garşymyza ideologiýa urşuny alyp barýan daşary ýurt guramalary zyýanly golýazmalary, kitaplary ýaýratmagy has-da ýaýbaňlandyrdylar. Olaryň size-de gowuşmagy ähtimal – diýdi.
Onuň nämäni göz öňünde tutup aýdýandygyny bada-bat aňdym.
– Meniň poçta ýaşigime üç bukja taşlandy – diýdim.
– Gördüňizmi?! – Podpolkownigiň höwesi artdy.
– Ýalňyşmaýan bolsam, maňa gelen bukjalar Aşgabadyň içinden iberlen bolmaly.
– Görüp bolmazmy?
– Soýuzyň kadrlar bölüminde ýatandyr, Annamämmet Jumageldiýewe berip gaýtdym.
– Bize-de görkezäýmeli ekeniňiz. – Podpolkownigiň äheňinde igenç duýdum. – Olar siziň öý adresiňizi nireden bildilerkä?
Men kitap tekjämiň elýeterinde duran galyň kitaby oňa uzatdym.
– Şu kitapda meniň öý adresim görkezilen – diýdim. – Bu kitaby tapmak kyn däl, her bäş ýyldan gaýtalap neşir edilýär.
Kitapda SSSR Ýazyjylar soýuzyna agzalykda durýan takmyn on müň ýazyjynyň öý adresi, telefon belgileri görkezilendi.
Podpolkownik meniň arkaýynlygymy görüp, höwessiz ýylgyrdy, bu kitaba beletdigini gizlejek bolýan şekilde, iş edinip meniň familiýamy tapdy. Ol ýerde häzirki oturan öýmüziň adresi, telefony görkezilendi.
– Dogry – diýdi, kitaby ýapdy, ara salym salman dowam etdi. – Siz daşary ýurtlara gidip geldiňiz, mundan beýläk-de gidersiňiz, ýygy– ýygydan gidäýmegiňiz-de ähtimal. Dürli kärdäki, dürli garaýyşly adamlar bilen duşuşýansyňyz,

söhbetdeş bolýansyňyz, awtoritetiňiziň artdygyça duşuşyklar köpeler. Duşuşýan adamlaryňyzyň hemmesini tanamaga-da ýetişmersiňiz. Bu meselede biz bilen maslahatly bolsaňyz, size-de, bize-de peýdasy bolar. Ol adamlaryň nähili pyglynyň bardygyny, sizden näme isleýändiklerini öňünden aýan etmäge biziň kömegimiz ýeter.
– Ol sözüne dyngy berip, meniň bir zat diýerime garaşdy. Men dowam ediber diýen manyda dymdym, ol dowam etdi – Käbir adam bilen duşuşmak zerurlygy ýüze çykan halatynda, biz size ýüz tutup bilerismi? Pylany bilen duşuşmak isleýändigiňizi aýtsaňyz, size ýok diýmezler. Bu meselede uly bir kynçylyk bolar öýtmäň, sowal berersiňiz, jogabyny diňlärsiňiz, biziň taýýarlan sowallarymyzam bolar.
– Men dil bilemok, iňlis dilini bilmän söhbet edip bolanok.
– Öwrenersiňiz, dil öwrenmek kyn däl-ä, isleseňiz biz kömek ederis. Häzirlikçe rus dilinde gürläň, terjime ederler.
– Men rus dilinem anjaýyn bilemok. Söhbetdeşlige tejribe, başarnyk gerek. Men daşary ýurtlular bilen duşuşyp ýören adam däl. Bizde bu ugurdan tejribe toplan adam bar. Men ýazyjylar soýuzynyň agzalygyna esasan şol maksady göz öňünde tutup alnan, respublika gelýän daşary ýurtly ýazyjylaryň, žurnalistleriň ýanyna ýörite goşulýan, iňlis dilinde geplemegi öwrenen adamyň adyny tutdum.
– Bular bir adamy bek belläpdirler. – Podpolkownigiň janagyrly belligine ýoldaşy ajy ýylgyrdy. – Ýazyjy hökmünde siziň awtoritetiňiz ýokary. Men jogap bermelidim.
– Bagyşlaň, men siziň möhümiňizi bitirip bilmen, herki işe başarnyk gerek, başarmajak işimi boýun almaýyn.
– Gutarnykly jogap bermäge howlukmaň, oýlanyň.
– Oýlanan ýaly-da!
Podpolkownik biraz dymyp oturdy, gezegi ýoldaşy alar öýtdüm, ol geplemedi. Soňra turmakçy boldular.
– Bu gürrüň öz aramyzda galsyn.
– Düşünýän.
Ertesi soýuza aýlanamda agentlikde orunbasaryň kürsüsinde oturdylan türkmen podpolkownigi biraz utançly ýylgyryp salamlaşdy, soňra çete çagyryp:

– Häý, menem özümi bildirmeli boldum-da – diýdi.
– Aýby ýok, işdir-dä – diýdim.
– General gaty gynandy.

Onuň general diýýänini soramasam-da aňýardym. Ol KGB-niň respulikan komitetiniň başlygynyň orunbasary Nikolaý Öwezow bolmalydy. Barybir soranymy kem görmedim, ol başyny atyp, meniň çakymyň dogrudygyny tassyklady.
Generalyň gynanjy soňra maňa agyr düşdi, on ýyllap daşary ýurda goýbermediler.
SSSR dargady, emma Saparmyrat Nyýazow bilen KGB galdy. Şolaryň emri bilen 1994-nji ýyldan başlap Türkmenistanda eserlerimi çap etmek, görkezmek, asla meniň adymy tutmak doly gadagan edildi.
2002-nji ýylda Saparmyrat Türkmenbaşynyň janyna kast edildi diýlen gümürtik wakadan soň men ýene ýurtdan çykarylmaly dälleriň gara sanawyna girizildim. Bu sapar generalyň emrine däl-de, generallaryň generaly Saparmyrat Türkmenbaşynyň gazabyna duçar boldum. Onuň ölenine üç ýyl geçse-de, ondan galan hökümi üýtgetjek bolýan ýpk. Meni hakyky dissident hasap edýärler, ýurtdan çyksa, dolanyp gelmez öýdýärler. Ilat arasynda KGB-niň müňlerçe gözi, müňlerçe gulagy bпrdy. Olara şugulçylar, aňtawlar diýseň-de bolýar, ýöne sowet döwründe olara dakylan at bar: “seksotlar” diýilýär, “sekretnyý sotrudnigiň” gysgaldylan görnüşi, türkmençe: “gizlin işgär” diýmek.
Meniň ynanjyma görä, bu işe ýüz urýanlaryň aglabasy meýletinçiler, gara bähbidini araýan maýda adamlar. Ynsan mertebesini belentde goýýan kişi adam satarmy diý! Intelligensiýa diýlen toparyň, şol sanda döredijilik intelligensiýasynyň rasynda-da seksotlar azlyk edenokdy.
Eýse, adam satýanlar nähili peýda görýärler, olary nädip tanamaly? Arza-şikaýat, töhmet bilen dürli edara golsuz hat ýazylýandyr, olar adamlary arkaýyn işlemäge goýýan däldir. Emma bu bet iş üçin ony edýänlere temmi bermäge howlukmazlar, berjek hem bolmazlar. Hatda merkezi komitetde oturanlar hem aýgytly bir zat aýdyp bilmezler, ýaýdanç olaryň ýaranydyr. Şol

adamyň arkasynda KGB durandyr. Olary ugrukdyrýan KGB.
Beýle gudratly goldawy bolan adamy iş başarmaýandygy, kollektiwe agzalalyk salýandygy üçin işden boşatmak juda müşgül işdi. Günäsi jedelsiz boýnuna goýlan halatynda-da partiýanyň raýon komitetinden ýa-da ýene bir edaradan til edip duýdurarlar, işläbersin-le diýerler. Kimiň emri bilen til edilýärdi? Elbetde, KGB-niň!
Ýagdaýy duýandan soň edara ýolbaşçysy gaýdyp oňa batyrnyp bilmez. SSSR dargamazyndan biraz öň KGB-den pensiýa çykan işgär maňa bir fakt aýtdy. Ol ylmy hem döredijilik edaralarynda adam satýanlaryň uly sanawyny görüpdir. Olaryň her biriniň lakamy bolýan ekeni. Il arasynda sylanýan, atly adamlaryň onlarça ýyl seksot bolup ýörenleri bar, bilseňiz haýran galarsyňyz diýdi. Olaryň adyny aýdyp biljekmi diýdim, aýtmady, gadagan diýdi, sanawy görkezen jogapkär işgäre dil ýarmazlygy söz beren ekeni.
Bilmek welin, maňa gaty gyzyklydy. Ýalbaryp oturanymdan soň, halys çydaman, bir adamyň adyny aýtdy, men hem oňa söz berenim üçin ol seksotyň adyny tutmakdan saklanýaryn.
Žurnala, neşirýata ýolbaşçy bolup, ýazyjylar guramasynda wezipede işläp, kitaplaryny türkmençe, rusça çykardyp ýören ol ýazyjy şol sanawa “Bilbil” lakamy bilen giripdir. Görsene, öz-ä işdeş ýoldaşlaryny KGB-ä satýar, üstesine-de özüni bilbil saýýar! Elbetde, onuň “Bilbil” bolup saýrap başlan wagty wezipe eýelemezinden has öňdür. Örän başarjaňlyk görkezip bilendigi üçin KGB öz sadyk guluny, “saýrak bilbilini” wezipe basgançagyna mündürendir!

Tirkiş JUMAGELDI. Ýatlamalar